# Bolupdy döwür

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Bolupdy döwür BOLUPDY DÖWÜR



Möwç alypdy hyşy-wyşy obada,
Çünki açyk söýgi bolmandy entek.
Ol oglanyň gizlin başlan söýgüsin,
Äşgär edipdi mekdep.
Degişerdi synpdaş gyzlar, oglana,
«Getir-dä, magşygňa, gar asty güli».
Gar erän ýer gözläp daga aşardy,
Tapyp getirmäge güli şo güni.

«Gyz gerekmi barsyn, bagy suwarsyn»,
Gaynene boljagam galanok çetde.
Jigisinden çal iberip ogrynça,
Gyz hem ony kösetmezlik niýetde.

Ir bişen söýgüsi erjel oglanyň,
Bolupdy gybaty obanyň-kendiň.
Garşylyk görüpdi, hat-da haýbatam,
Diýlipdi iň soňy: «bolsa-da ýeňdiň».

Söýgini ýekirlän döwür, sen geňdiň!
Hä ynanyň, hä ynanmaň, janlarym,
Bolupdy bu döwür, oglanam mendim!

2024 ý. Goşgular